MAKTABGACHA VA MAKTAB TA'LIMI VAZIRLIGI

PEDAGOGIK MAHORAT VA XALQARO BAHOLASH ILMIY-AMALIY MARKAZI

Respublika Ta'lim Markazi

## 2023-2024-NJI OKUW ÝYLYNDA UMUMY ORTA BILIM BERÝÄN MEKDEPLERIŇ 9-NJY SYNP OKUWÇYLARY ÜÇIN

# Türkmen dili we edebiýaty

## PREDMETINDEN JEMLEÝJI ATTESTATSIÝASYNY GEÇIRMEK BOÝUNÇA METODIK TEKLIP WE MATERIALLAR



**ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASY MEKDEBE ÇENLI WE MEKDEP BILIMI MINISTRLIGI**

**PEDAGOGIK BAŞARNYK WE HALKARA BAHALAMAK YLMY-AMALY MERKEZI**

# 2023-2024-NJI OKUW ÝYLYNDA UMUMY ORTA BILIM BERÝÄN MEKDEPLERIŇ 9-NJY SYNP OKUWÇYLARY ÜÇIN TÜRKMEN DILI WE EDEBIÝATY PREDMETINDEN JEMLEÝJI ATTESTASIÝASYNY GEÇIRMEK BOÝUNÇA METODIK TEKLIPLER WE MATERIALLAR

*Düzüjiler:* Hanmatow Magsatmyrat Nurmatowiç. Klyçew Rahman Ýollyýewiç

*Ekspert:* Alymjanowa Aýnura Alymjanowna

## 2023-2024-NJI OKUW ÝYLYNDA UMUMY ORTA BILIM BERÝÄN MEKDEPLERIŇ 9-NJY SYNP OKUWÇYLARY ÜÇIN JEMLEÝJI BARLAG SYNAGLARYNY GEÇIRMEK BOÝUNÇA TÜRKMEN DILI WE EDEBIÝATY PREDMETINIŇ SPESIFIKASIÝASY

9-njy synpy gutaran okuwçylar türkmen dili we edebiýaty dersinden bilim maksatnamasy boýunça standartlar esasynda görkezilen kompetensiýalara eýe bolýarlar.

Okuwçylaryň alan bilim, endik we başarnyklaryny anyklamak üçin 2023-2024-nji okuw ýylynda 9-njy synplarda jemleýji synag ýazmaça şekilde geçirilýär.

Her bir synag biletiniň sorag we ýumuşlary türkmen dili we edebiýaty predmeti boýunça mekdepleriň 7-8-9-njy synplarda geçilen temalary öz içine alýar. Şunuň ýaly-da, bilmek, ulanmak, pikirlenmek başarnyklaryna degişli baha ölçegleri görkezilen.

Okuwçylara baza soraglaryndan düzülen 2 bilet hödürlenýär. Biletde okuwça 5 sany (3 sanysy türkmen dili, 2 sanysy edebiýat) sorag berilýär. Soraglaryň 2 sanysy (1 sanysy türkmen dili, 1 sanysy edebiýat) bilmek, 2 sanysy (1 sanysy türkmen dili, 1 sanysy edebiýat) ulanmak, 1 sanysy (1 türkmen dili) pikirlenmek başarnygyna degişli bolýar. Bilet soraglaryna jogap bermek üçin umumy 30 minut wagt berilýär.

Okuwçylaryň ýazma işleri türkmen dili predmetleriniň her biri üçin aýratyn 100 ballyk düzgün esasynda:

0 – 29% – «kanagatlanarsyz»;

30 – 65% – «kanagatlanarly»;

66 – 85% – «ýagşy»;

86 – 100% – «öran gowy»

baha ýaly bahalanýar. Her bir iş üçin belgilenen baldan ýokary bal goýmaklyga ýol goýulmaýar.

## 9-NJY SYNP TÜRKMEN DILI EDEBIÝATY DERSINDEN JEMLEÝJI ATTESTASIÝA SPESIFIKASIÝASY

| Türkmen dili we edebiýaty | Sany | Bilmek | Ulanmak | Pikirlen- | Doly |
|---|---|---|---|---|---|

| | | | | mek | jogap |
|---|---|---|---|---|---|
| N. Saryhanowyň «Şükür bagşy» powesti. Söz toparlary, sözleriň sintaktik hyzmaty | 5 | 2 | 2 | 1 | |
| Gylyç Kulyýewiň «Ýowuz günler» romany. Sözleriň manysy. Sözleriň sintaktik hyzmaty. | 5 | 2 | 2 | 1 | |
| Muhammet Ýusubyň «Watanym» goşgusy. Sada we goşma sözler. Dyngy belgileriň ulanylyşy. | 5 | 2 | 2 | 1 | |
| A. Kekilowyň «Söýgi» romany. Durnukly söz düzümleri. | 5 | 2 | 2 | 1 | |
| Nurmuhammet Andalybyň «Leýli – Mejnun» dessany. Edebi dil. Çeper eseriň dili. | 5 | 2 | 2 | 1 | |

## ÝUMUŞLAR BOÝUNÇA BAHALAMAK ÖLÇEGLERI

| № | Eýelemegi zerur bolan başarnyklar | | Ýumşuň görnüşi | Ýumşuň şekili | Bahalamak ölçegi |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | |
| 1 | Tekst haýsy eserden alnandygyny, žanry we ideýasyny anyklap bilmek; | B | Ýazma | Ýazma | Tekstiň haýsy eserden alnandygyny, žanry we ideýasyny doly, durmuşy mysallar esasynda, deňeşdirip, ýokary derejede düşündirip berse; **16-18 bal**<br>Tekstiň haýsy eserden alnandygyny, žanry we ideýasyny durmuşy mysallar esasynda, belli bir derejede düşündirip berse; **13-15 bal**<br>Tekstiň haýsy eserden alnandygyny, žanry we ideýasy hakynda kanagatlanarly derejede aýdyp berip bilse; **8-11 bal**<br>Tekstiň haýsy eserden alnandygyny, ideýasy hakynda käbir detallary aýtsa; **1-7 bal**<br>Okuwçy ýokardaky görkezilen standart boýunça jogap berip bilmese; **0 bal** |
| | | | | | |
| 2 | Tekst esasynda berlen grammatik ýumuşlary | B | Ýazma | Ýazma | Tekst esasynda berlen grammatik ýumuşlary kada |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | kada esasynda ýerine ýetirip bilmek | | | | esasynda ýokary derejede ýerine ýetirip bilse; **16-18 bal**<br>Tekst esasynda berlen grammatik ýumuşlary kada esasynda belli bir derejede ýerine ýetirip bilse; **13-15 bal**<br>Tekst esasynda berlen grammatik ýumuşlary kada esasynda kanagatlanarly derejede ýerine ýetirip bilse; **8-11 bal**<br>Tekst esasynda berlen grammatik ýumuşlary kada esasynda minimal derejede ýerine ýetirip bilse; **1-7 bal**<br>Okuwçy ýokardaky görkezilen standart boýunça jogap berip bilmese; **0 bal** |
| 3,4 | Berlen ýumuşlara ýokary derejede öz nukdaýnazaryndan gelip çykyp, durmuşy mysallar bilen esaslap berip bilmek | U | Ýazma | Ýazma | Berlen ýumuşlara ýokary derejede öz nukdaýnazaryndan gelip çykyp, durmuşy mysallar bilen esaslap berse; **18-21 bal**<br>Berlen ýumuşlara öz nykdaýnazaryndan gelip çykyp, belli bir talap derejesinde düşündiriş berse; **14-17 bal**<br>Berlen ýumuşlara kanagatlanarly derejede düşündiriş berse; **9-13 bal**<br>Berlen ýumuşlara minimal derejede düşündiriş berse; **1-8 bal**<br>Okuwçy ýokardaky görkezilen standart boýunça jogap berip bilmese; **0 bal** |
| 5 | Berlen ýumuşlara ýokary derejede kreatiw çemeleşip, giň pikir ýöredip, şu günki gün bilen baglap, mysallar getirip bilmek | P | Ýazma | Ýazma | Berlen ýumuşlara ýokary derejede kreatiw çemeleşip, giň pikir ýöredip, şu günki gün bilen baglap mysallar getirip bilse; **19-22 bal**<br>Berlen ýumuşlara belli bir derejede kreatiw çemeleşip, pikir ýöredip, şu günki gün bilen baglap mysallar getirip bilse; **15-18 bal**<br>Berlen ýumuşlara kanagatlanarly derejede kreatiw çemeleşip, şu günki gün bilen baglap mysallar |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | getirip bilse; **10-14 bal**<br>Berlen ýumuşlara minimal derejede çemeleşip, käbir mysallar getirip berse; **1-9 bal**<br>Okuwçy ýokardaky görkezilen standart boýunça jogap berip bilmese; **0 bal** |

## I WARIANT

Häkimiň **diwany** şäheriň gündogar çetinde, giň baýryň ýüzündedi. Diwanyň çar tarapyna belent diwar çekilip, ilat oňa Kiçigala diýip at berýärdi. Kiçigalada döwlet edaralaryndan başga goşun bölümleri-de bardy. Pyýada **serbazlar** galanyň içinde, atlylar onuň töwereginde, ýörite salnan jaýlarda ýerleşýärdi. Galanyň uly derwezesiniň gündüzlerine jemendesiz wagty ýokdy, hemişe adam-garadan, at-ulagdan doludy. Eýranly diýermiň, türkmen diýermiň, dürli jemende dürli arz bilen galanyň derwezesine dolýardy, kimse aýak üstünden, kimse töre geçip, arzyny aýdýardy. Diňe juma güni töweregiň tozany ýatýardy, gelim-gidim kesilip, galanyň ygtyýary tutuşlygyna serbazlara geçýärdi.

Bu gün **juma güni** bolansoň, Abdylmejit han galanyň golaýynda **jemende** bardyr öýtmeýärdi. Şol sebäpli bolmaga çemeli, uly derwezäniň agzynyň gaýda-gaýmalaşyklygyny görenden, onuň gany lapba gyzdy, damarlary gatady. Bu wagtlar, säher çagy, munça jemende… soňky ýyllarda görlüp-eşidilen zat däldi. (120 söz)

## ÝUMUŞLAR:

1. Berlen tekst haýsy eserden alnan? Eseriň adyny we nähili eserdigini anyklaň. **(Bilmek)**
2. Tekstdäki aýratynlandyrylyp ýazylan sözleriň manysyny düşündiriň. **(Bilmek)**
3. Tekstdäki birinji sözlemi morfologik derňew ediň we sözleriň sintaktik hyzmatyny düşündiriň. **(Ulanmak)**
4. Ýokarda berlen tekstdäki waka haýsy gahryman bilen baglanyşykly. Eserde bu gahrymanyň tutýan ornuny düşündiriň. **(Ulanmak)**
5. *Bu gün juma güni bolansoň, Abdylmejit han galanyň golaýynda jemende bardyr öýtmeýärdi.* Näme sebäpden juma güni adamlar galanyň töweregine üýşmändir. **(Pikir ýöretmek)**

## II WARIANT

| | |
|---|---|
| Sen Meşrep sen,<br>Halkda tumar,<br>Balhda dara asylan.<br>Nowaýysyň şa ýanynda,<br>Halkyna doga eden,<br>Ýassawysyň, meniňki diýip,<br>Görenler dawa eden,<br>Miň bir syry açylmadyk.<br>Başpenam sen, Watanym.<br><br>Sen, Hojandsen,<br>Çingizlere<br>Derwezesin açmadyk,<br>Temir Mälik arkasyndan<br>Syrderýadan geçmedik,<br>Muhanna sen, garaçygy,<br>Gyzyl ot dek öçmedik,<br>Şiraklary gören çopan:<br>Çolugymsen, Watanym... | Kim Kaşgary etdi mekan,<br>Kim Enesaý tarapda,<br>Jelaleddin – Kürdistanda,<br>Baburyň – Hindistanda,<br>Bu neneň ýüzgaralyk diýip,<br>Ýatyrlar zimistanda.<br>Ýaýrap giden dogsan alty,<br>Urugymsen, Watanym…<br><br>Oglum, diýseň asmanlara,<br>Gyrat bolup uçaryn,<br>Çambyl ýurtda Alpamyşa,<br>Nöker bolup düşerin,<br>Pederküşden pena edip,<br>Ulugbeki guçaryn,<br>Gyjyr-gyjyr dişimdäki,<br>Suwlugym sen, Watanym …<br>(98 söz) |

## ÝUMUŞLAR:

1. Şu tekst haýsy eserden alnan? Eseriň ady hem-de ideýasyny anyklaň. **(Bilmek)**

2. *Şiraklary gören çopan:*
*Çolugym sen, Watanym* ... Şu setirlerde dyngy belgileriň goýluşynyň sebäplerini düşündiriň. **(Bilmek)**

3. *Kim Kaşgary etdi mekan,*
*Kim Enesaý tarapda…* diýende şahyr nämäni göz öňünde tutýar? **(Ulanmak)**

4. Tekstde gelen *«Jelaleddin – Kürdistanda, Baburyň – Hindistanda»* setirindäki goşma sözüň görnüşini ýazyň hem-de sada sözleriň baglanyşygyny düşündiriň. **(Ulanmak)**

5. Şahyr ata-babalarymyz hakynda: *«…Bu neneň ýüzgaralyk diýip, ýatyrlar zimistanda»* setirlerini näme maksatda beýan edýär? **(Pikir ýöretmek)**

## III WARIANT

Ony öz obasyna ýetirmezdiler. Bu gün bir obadan gelse, ertir ikinji bir oba alyp giderdiler. Ony ýalaň «bir günlük» diýip, öz obasynyň adamlaryndan sorap alyp giderdiler. Ýöne weli, şol «bir günlük» diýlip alnyp gidilen sazanda gaýdyp bir aýdan-da, iki aýdan-da gelmezdi. Hemişe şeýledi. Ony öz obasyndan bir çykaryp bilseler, onsoň aňsatlar yzyna gaýtarmazdylar. Gezege durup: obadan-oba, öýden-öýe, toýdan-toýa çagyrardylar.

**Uzyn, agajetli, garaýagyz, ýaşy ýaňy otuzdan agan sazandanyň ulumsylygy, jögüligi, näzini artdyrmasy bolmazdy. Şonuň ýaly hem onuň ýadary ýokdy.**

Arzylanyp çagyrylan ýere baranda, onuň baryp düşen öýüniň içi-daşy derrew adamdan dolardy. Ol dutar çalmaga başlardy we öýi dolduryp oturan ýigitlerden, üzügiň etegini serpip, tärimiň daşyndan seredýän gelin-gyzlardan tizden joşa gelerdi. (109 söz)

## ÝUMUŞLAR:

1. Şu tekst haýsy eserden alnan? Eseriň adyny, žanryny hem-de ideýasyny anyklaň. **(Bilmek)**
2. Tekstde aýratynlandyrylyp görkezilen jümlede söz toparlarynyň haýsysy köp ulanylypdyr? **(Bilmek)**
3. Eserde *«Ony öz obasyna ýertirmezdiler. Bu gün bir obadan gelse, ertir ikinji bir oba alyp giderdiler»*. diýlip taryp edilen gahrymana baha beriň. Şu gahrymanyň eserde tutýan ornuny düşündiriň. **(Ulanmak)**
4. Tekstde aýratynlandyrylyp görkezilen sözlemi morfologik derňew ediň we sözlemdäki sintaktik hyzmatyny belläň. **(Ulanmak)**

A) morfologik derňew

| At | Sypat | San | Çalyşma | Hal | Işlik |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |

B) Sintaktik derňew________________________________

5. *Uzyn, agajetli, garaýagyz, ýaşy ýaňy otuzdan agan...* Bu sözleýşiň haýsy görnüşine degişlidigini mysallar arkaly delilläň. **(Pikir ýöretmek)**

## IV WARIANT

Egnime göterdim, gujagyma aldym,
Her gezek şol tanşym ýadyma saldym,
Inçejik gollaryn boýnuma orap,
Eýjejik ýylgyryp, enaýy garap,
Gitmedi ýanymdan, ysnyşdy maňa,
Içimi gepletdim ýüzlenip oňa,
Diýdim: – Ata mährin duýmandym men-de,
Çagalyk geçmişim görünýär sende.
Bir ýürek özüne baglaýar bizi,
Kiçijik-de bolsaň, diňle bu sözi
Unutman hiç haçan, başym dik dursa,
Damarda gan ýöräp, ýüregim ursa,
Özümde atalyk mährin döredip,
Iýdirip-geýdirip, oňat seredip,
Gyşynda-ýazynda seni hor etmän.
Şirin söze, açyk ýüze zar etmän,
Çalymdaşyň bilen berip el-ele,
Tä adam bolýançaň, goşulyp ile,
Tutmasaň ornuny şol gahrymanyň,
Goý, nälet ýüzüme gezelsin meniň! (91 söz)

## ÝUMUŞLAR:

1. Şu tekst haýsy eserden alnan? Eseriň adyny, žanryny hem-de ideýasyny anyklaň. **(Bilmek)**

2. Ýokarda berlen bölekden durnukly söz düzümlerini tapyň we olara düşündiriş beriň. **(Bilmek)**

3. *Diýdim: – Ata mährinduýmandym men-de,*
*Çagalyk geçmişim görünýär sende.*
Şu setirlerde dyngy belgileriň ulanyş sebäplerini düşündiriň. **(Ulanmak)**

4. Ýokarda berlen bölek, eseriň haýsy gahrymanynyň dilinden alnan? Eserdäki bu gahrymanyň häsiýetini düşündiriň. **(Ulanmak)**

5. *Tutmasaň ornuny şol gahrymanyň,*
*Goý, nälet ýüzüme gezelsin meniň!* Bu setirlede haýsy gahryman barada gürrüň edilýär? **(Pikir ýöretmek)**

## V WARIANT

...Elkyssa, Kays **mekdephanaga** baryp, mollasyga salam berip, bir tarapda oturdy we ýene bir tarapda Leýli – iki dilber köňül guşlaryny perwazga salyp, bir-birlerine gaş we gözlerini ilçi kylyp olturdylar. Elgaraz, tamamy ähli mekdep ylym tähsilige dem ursalar, bu iki näzenin yşk husulyga nepes **urar erdiler**. Kaýs yşk eder bolsa, Leýliniň ady sapagynyň başy erdi, Leýli hem yşk eder bolsa, hatynyň başy Kaýsnyň ady erdi. Kaýs sapagyn kastdan galat okap, Leýliden sorar erdi. Leýli onuň kastdan galat **okaganyga** güler erdi. **Anyň gülgeni** Kaýsnyň gülküsi bolar erdi. Elkyssa, bu rewüş birle birnäçe gün ömür ötürdiler. Bularnyň yşky **muhabbetleri** gün-günden zyýada bolup başlady. Kaýs ol dilrubanyň yşkydan bikarar bolup, ahy jiger suz tartar erdi,emma bir gün enesi:

– Eý janym balam, nege munça ah tartarsen, bisabyr we biaram erursen we ne üçin mundag bikarar bolupsen, **yşkyňny** pynhan saklagyl, birewniň gyzyga melamat kylmagyl, mebada Leýliniň atasy eşitip ataň birlen adawat kylmasyn we yene hem ataň eşitse seni bu halda goýmaz diýip, her sent nesihatlar berip, köp täkikler kylyp ýene mekdepge iberdi... (167 söz )

## ÝUMUŞLAR:

1. Şu tekst haýsy eserden alnan? Eseriň adyny, žanryny hem-de ideýasyny anyklaň. **(Bilmek)**

2. Eserdäki wakalar nirede bolup geçýär we olaryň baş gahrymanlary kimler? **(Bilmek)**

3. Tekstiň başyndaky we ahyryndaky punktuasion belginiň ady näme? Ol näme sebäbe görä ulanylýar. **(Ulanmak)**

4. Tekstde aýratynlandyrylan sözler häzirki zaman türkmen dilinde nähili görnüşde ulanylýar? **(Ulanmak)**

5. Ýokardaky bölekde awtoryň sözüniň soňunda gepleşik berlipdir. Şol tekstdäki gepleşik haýsy gahrymana degişli? **(Pikir ýöretmek)**